# Hekaýatlar ýygyndysy: Gadymy patyşalaryň we döwletleriň taryhynyň gysgaça beýany

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025

Hekaýatlar ýygyndysy: Gadymy patyşalaryň we döwletleriň taryhynyň gysgaça beýany HEKAÝATLAR ÝYGYNDYSY



*Muhammet Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» ilkinji gezek okyjylara hödürlenýär. Gündogaryň meşhur taryhçysy, edebiýatçysy we syýahatçy alymy hökmünde meşhurlyk gazanan Muhammet Awfynyň bu kitaby dürli meseleleri öz içine alýan birnäçe baplardan we bölümlerden ybarat uly göwrümli eserdir. Kitap dünýäniň döreýşi, gadymy şalar, halypalar we ş.m. hakyndaky birnäçe kyssalary özünde jemleýän, beýan ediliş, şahyranalyk we gaýry alamatlary boýunça tapawutlanýan edebi-taryhy çeşmedir. Kitapda ynsanyýetiň ýaşaýyş-durmuş, isleg-arzuw, tebigat, edep-terbiýe, ahlak, söýgi hakdaky gözel oý-pikirleri, watançylyk, ynsanperwerlik, edermenlik, mertlik kimin arzyly gylyk-häsiýetler dürli çeper çözgütlerde beýan edilýär.*

*Beýik akyldaryň dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu ajaýyp eseri Angliýanyň Britan kitaphanasynda saklanýan golýazma nusgasy esasynda pars dilinden türkmen diline terjime edildi.*

## • GADYMY PATYŞALARYŇ WE OLARYŇ DÖWLETLERINIŇ TARYHYNYŇ GYSGAÇA BEÝANY

Taryhçy alymlar jahan şalary barada taryhlar ýazyp, kitaplar düzüpdirler. Olaryň köpüsinde dury bilen laý, dogry bilen ýalan garym-gatymdyr. Emma hojaýynlardyr gulamlar, ýolbaşçylardyr raýatlar üçin patyşalaryň sözlerini, işlerini, mertebelerini, derejelerini, edim-gylymlaryny we ýörelgelerini bilmek örän peýdalydyr. Adam alaýhyssalamdan soň, geçen ähli patyşalary ýatlap geçmek mümkin däl. Ýöne, Muhammet Jerir Tabary «Taryh» kitabynda olaryň arasyndan meşhurlaryny belläp geçipdir. Biz hem şu kitapda şol patyşalar hakynda hekaýatlar getireris.

Biz özümiziň asyl maksadymyza girişmezimizden öň, bu kitapda näme hakynda gürrüň etjekdigimizi ýatlamak isleýäris:

Gadymy patyşalaryň beýany, olaryň birinjisi Keýumers we iň soňkusy Isgender;

Taýpalar patyşalarynyň we olaryň höküm süren eýýamlarynyň beýany. Şol sanda kuwwatynyň we beýikliginiň zyýadalygy, patyşalygynyň giňligi we ilatynyň köplügi bilen meşhur bolan Ärsaglylar;

Erdeşir Bäbegiň beýik köşgüniň nurly ýagşyndan örňän Sasanlylaryň taryhyndan tä ajamlaryň iň soňky patyşasy Ýezdigerdiň döwrüniň ahyrlaryna çenli wakalaryň beýany;

Şöhrat eýeleri bolan we özlerinden ýagşy atlary hem gowy işleri galdyran käbir rum, türk, çyn, arap we hindi patyşalarynyň beýany.

Indi Hudaýtagalanyň ýardamy bilen söhbeti Keýumersden başlaýarys. Halk döredijiligi we rowaýatlar